# Zenan – Türkmeniñ namys tugy

Category: Edebi tankyt,Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy,Psihologiýa
написано kitapcy | 21 января, 2025
Zenan – Türkmeniñ namys tugy ZENAN – TÜRKMENIŇ NAMYS TUGY




Namysjaň türkmen… Ençe halkyýetler içinde şeýle häsiýet bilen özüni tanadan türkmeniň namys-arynyň iň janagyryly we wawaly ýeri türkmen zenanynyň abraýydyr. Bu häsiýet türkmeniň on iki

süňňünde at çapýan ganyna siňendir. Gana siňen häsiýet bolsa, hiç wagt ýok bolýan däldir. Türkmeniň erkek göbeklisi enesi, uýasy ýa-da söwer ýary kemsidilse, olara dil ýa el ýetirilse, gara kelläni orta goýýar. Geçmişde agylyndaky maly, ambaryndaky dänesi ogurlanan türkmene töwella aldyryp bolsa-da, dulunda oturan gyzy ýa-da gelni süýrelende, eger-eger, töwella täsir etmändir. Namysyna degen bilen ganjaryşyp bellisini edýänçä ýa-da onuň edenine görä edip, aryny ýerine salýança ynjalmandyr. Namys astynda gezip ýöreni il-günem halamandyr, ony näletläpdir. Şonuň üçin türkmenlerde aýal-gyz bilen bagly, şunuň ýaly meselä «Bu işden ganyň ysy gelýär» diýýärler. Türkmeniň şöhratly serkerdesi hem pähimdary Keýmir körüň Nedir şanyň diwanynda öz iliniň gyzlaryna dil ýetirilende boluberşini ýatlaň! Gany gaýnan serkerde ýerinden zöwwe turşuna başyndaky telpegini patladyp ýere urup, üstüne lapba çökmedimi näme?! Bu hereket Keýmir körüň «Şu namysdan çykmasam erkek bolup başyma telpek geýmerin, telpegim itiň syrtyna» diýen beýik kasamy. Bu kasamyň nähili ýerine ýetenini bolsa, Keýmir kör hakdaky şu halk gürrüňden habarly her kişi bilýändir.

Hawa, türkmen üçin aýal-gyzynyň mertebesini depelenmegi namysyň elden gitmegidir. Binamyslyk bolsa, ölüm bilen barabardyr, ondan ölüm ýegdir. «Arym köýenden imanym köýsün» diýen türkmen ar-namysy imandanam ileri tutupdyr. Namysyny elinden gideren erkek üçin ölüm ýüz-müň esse ýeňil bolupdyr. Namysdan öleni mert hasaplapdyrlar. Halkymyzyň söýgüli ýazyjysy Atajan Taganyň «Pereňli ýesiriň ýatlamasy» atly dokumantal powestinde şeýle bir elhenç kartina bar. Geçen asyrda Hemza Mürze başlyklaýyn türkmen ülkesine çozan goşunlar çölde çopançylyk edýän ýeke öýli gojanyň öýüne dökülýärler. Duşmanlar namart hem gara güýç bilen gojany we onuň ogluny tärime daňyp, gözleriniň alnynda ýigidiň gelnini örän aýylganç görnüşde wejera edip zorlaýarlar. Namys astyna galan ýigidiň ýüregi bu elhenç masgaraçylyga döz gelmeýär, daňylgy ýerinde şobada takga jan berýär. Ine, bedende at çapýan namys ganynyň ediberýän işi.

Zenan mertebesi, ahlagy we abraýy asyrlar boýy türkmen gerçeginiň ar-namysynyň, mertliginiň we buýsanjynyň ölçegi bolupdyr. Bu baky şeýle bolar. Türkmen zenanynyň abraýy Watan, ar-namys we haýyr iş ugrundaky şöhratly göreşlerde göterilýän beýik tugdyr. Şol tuguň mertebesiniň depelenmegi duşman

astynda basgylanmakdyr we ýeňlişdir. Tuga zeper ýetse, namysyň elden gitdigidir. Tugy goramak bolsa mert ýigidiň namys-ary goradygydyr.

- **Gyzyl ýüzli ýigidiň gyzyl ýüzün soldurma…**

Türkmen zenany! Ataň, doganyň, söwer ýaryň seni özleriniň namys tugy hasap edip, şeýle belent derejede goýan bolsalar, seniň borjuň olaryň gyzyl ýüzlerini soldurmazlykdyr, namys astynda galdyrmazlykdyr.

Türkmen zenanyna tebigat tarapyndan, belki Hudaý tarapyndan örän ajaýyp milli häsiýetleriň toplumy berlipdir. Wepalylyk, haýa-şerim, agraslyk, sadalyk, mylaýymlyk, açyk göwünlilik, päklik… onuň ganyna guýlan belent ahlak sypatlaryny sanap, atlandyryp tükedip bolmaz. Olary diňe kalbyň bilen duýup bolýar, söz bilen beýan edip bolmaýar. Ine, şeýle özboluşly milli häsiýetleri bilen türkmen zenany dünýäniň ençe kese ýerli akyldarlaryny, syýasatçylaryny haýran edipdir. Gözelligi, iň esasanam, häsiýetiniň gözelligi, elinden çykýan çeper işleriniň ajaýyplygy bilen dünýäni aňk eden zenanlaryň özleriniň enelerdigine, uýalardygyna, ýarlarydygyna türkmeniň erkek göbeklisi buýsanýar. Şeýle beýik mertebä eýe bolan zenanlaryň abraýyna gara ýoksa niçik bor?! Asyrlar boýy namysyny baş baýlygy edip gelen türkmen zenany azsa, haram işlere baş goşsa niçik bor?! Bu çydam edip bolmajak elhenç pajyga. Onda türkmene ýer ýumruklap, togalanyplar aglabermek galýar.

Türkmen zenany! Eger-de sen şeýtan alyna gidip, haram işler bilen mübtela bolsaň, goja taryhyň gatlarynyň hasratly, tupanly-gaýly döwürlerinde-de türkmen adyna ysnat getirmedik, türkmen namysyny goran ata-babalarymyzyň ruhlarynyň öňünde geçirimsiz günä iş etdigiň bolar. Seni dünýä getiren, mukaddes sallançaga ataryp, süýji umytly hüwdiler bilen mähir beren, gulpajagyňy tasadyp jedirdeýşiňe guwanan enäniň ak süýdüni depelediginň, atanyň yhlasyny ýere çaldygyň bolar. Gargyşa duçar bolarsyň. Öten, geçeniň ruhuny depelän, ene-ata gargyşyny alan bolsa, ömürboýy galkynýan däldir. Şonuň üçin – ýalkanmagyň üçin, iki dünýäň abat bolmagy üçin namysyňy gora!

Öz namysyny goradygyň bütin türkmeniň, atаň, doganyň, söwer ýaryň namysyny goradygyňdyr. Namysyňa şikes ýetirip, türkmeni namys astynda goýma! Sen üçin hiç wagt türkmen ýigidi namys astynda müzzermeli bolmasyn, goý, olaryň başlary hemişe buýsançly bolsun!

- **Wepalylyk gahrymanlykdyr**

Türkmen zenanynyň ahlagynyň iň ýokary derejesi wepalylykdyr. Ömründe ýeke gezek biwepalyk etmedik aýaly tapsa bor, ýöne bary-ýogy bir gezek biwepalyk eden aýal ýokdur – diýip, bir akyldaryň köpmanyly aýdan sözündäki ýaly, zenan abraýynyň päkligine, wepalylygyna sähelçe gara tegmil ýoksa, türkmen üçin geçirimsiz günädir. Biwepalylygyň gara tegmilini hiç wagtam ýuwup aýryp bolmaýar. Geçmişde biwepalyk, haramlyk eden zenanyň nähili ýigrenje, nähili nälete sezewar bolandygyny ýatlalyň. Şeýle aýallar saňsar daş edilipdir. Saçy kesilip, il-obadan kowlupdyr. Märäkä getirilmändir. Şunuň ýaly halkyň ýigrenjine sezewar bolmakdan agyr jeza ýokdur.
Türkmen zenany bolsa, wepalylygyň belent nusgasyny bu köne heňňamyň dürli döwürlerinde görkeze-görkeze gelýändir. Tüýs halky eserlerimiz bolan «Gorkut atada», «Görogluda» türkmen zenanlarynyň öz ýarlaryna wepadarlygy ýokary derejede beýan edilýär. «Gorkut atada» gyz öz ýaryny howply ýola ataranda şeýle diýýär: «Dört ýylda gelmeseň, baş ýyl, alty ýyl bakam. Alty ýol aýyrdyňda çadyr dikem. Gidenden-gelenden habar soram. Haýyr habar getirene at, don berem, kaftanlar geýdirem. Şer habar getireniň başyn kesem. Erkek siňegi ýüzüme gondurmaýyn». Soňky jümlä üns beriň. Şeýle obrazly jümläniň özi gyz wepasynyň berkligini ölçäp dur.
Türkmen zenanlary aldym-berdimli söweşlerde duşman eline düşseler, namysyna el gatyljagyna göz ýetirip, çykgynsyz ýagdaýlarda özlerini gurban etmekden gaýtmandyrlar. Olar duşmanyň namysyny basgylamagy we söwer ýarlaryna biwepalyk edildigi hasaplapdyrlar. Öz ýarlaryna wepalylygy üçinem şirin janlaryndan el üzüpdirler. Muňa mysallar türkmen taryhynyň pajygaly sahypalarynda juda kän. Beýik türkmen serkerdesi

Jelaleddiniň ähli goşunlaryny mongollar gyranda batyryň aýaly, ejesi duşman eline düşmezlik üçin Hindi derýasyna gark bolýarlar. Döwrümiziň belli ýazyjysy Jumadurdy Nepesowyň «At meni, gerçegim!» atly hekaýasyndaky türkmen zenanynyň wepadarlyk häsiýetiniň hem gynançly, hem buýsançly beýany ýüzbe-ýüz bolanyňda ýüregiň elenýär. Batyr ýigit Taganmyrat üstlerine çozan leşgerler bilen uruşda ýaralanýar, güýji asgynlaýar. Erkekler bilen deň söweşip ýören gelni Oguljemala duşmanlaryň hüjümi zabunlaşýar. Şol arada gelin ýaraly ärine tüpeňi zyňyp, özüni atmagyny buýýar. «Gözüm açykka namys gitmesin elden… Duşman düşegine duwlanmasyn, at, at» diýip özelenýär. Ýigit atýar. Gelni zordan ärine minnetdarlyk bildirip gözüni ýumýar. Hawa, minnetdarlyk bildirip… Zenan wepasynyň beýikligi, gör, nämede?!

Türkmen zenany wepalylygyň belent nusgasyny Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda-da gahrymançylyk derejesinde görkezdi. Ýanýoldaşlary uruşdan gaýdyp gelmedik zenanlar ýar mertebesini saklap, gül ömürlerini kül etdiler. Ýar ojagyna wepaly boldular.

Wepalylyk – bu beýik gahrymançylykdyr. Türkmen zenanlary öz ömürlerini, şirin janlaryny wepadarlyk üçin pida edýän bolsalar, onda olar gahrymandyrlar. Gahrymanlar üçin bolsa, haramlyk, binamyslyk ýatdyr.

- **Türkmende zenan hormaty beýikdir**

Geçen ýetmiş ýyl içinde türkmenler öňki döwürde öz aýal-gyzlaryna adam hökmünde garamandyrlar diýen galp kesgitleme bilen gulagymyz kamata geldi. Türkmeniň geçmişine, durmuşyna, milli häsiýetine belet adam muňa ynanarmy? Hany, sen aýt, türkmen enesini sylanok, uýasyny, gyzyny hormatlanok, aýalyny äsgerenok diýilse, «dogry» diýermiň?! Diýip bilmersiň. Türkmen aýal-gyzyny sylamadyk bolanda, olary ajaýyp hem gymmat altyn-kümüş, şaý-sepler bilen bezärmidi?! Zenan namysy üçin togalanan kelleler türkmeniň öz aýal-gyzlaryny näderejede söýýändigini şaýady ahyryn.

Tebigat erkegiň özüne laýyk, aýalyň özüne laýyk güýç-kuwwaty,

başarjak işini beripdir. Şoňa görä-de erkegiňem, aýalyňam özüne laýyk borç-hukugy bar. Bu tebigatyň üýtgewsiz kanunydyr. Ynsan hökmünde erkek bilen aýal deňdirler, ýöne olar jyns aýratynlygy boýunça bir-biriniň ýerini tutup bilmezler. Sowet ýyllarynda aýal-erkek hukugy deňdir diýlen ýörelge öňe sürlüp, tebigatyň sazlaşygy äsgermezlik edildi. Aýal bilen erkegiň haýsynyň rüstemdigi ýa-da maşgalada kimiň hojaýyn bolmalydygy baradaky manysyz jedelem şol döwürde döredi. Aýal-gyzlar erkekden kem däldir diýlip, olara kerpiç ördürdiler, suwag etdirdiler, traktora atlandyrdylar we ýene-ýeneler. Nesil öndürmeli näzik bedenler erkeklere laýyk agyr işlerde horlandylar. Türkmen geçmişde aýal-gyzyny diňe öý işinden başga, erkek güýjüni talap edýän agyr işlerde işletmändir ahyryn. Onsoň türkmen zenany geçmişde harlanan bolýarmy ýa-da soňky sowet ýyllarynda?! Muny özüňiz kesgitläberiň.
Türkmende, umuman gündogar halklarynda aýallaryň mertebesiniň kemsidilýändigi baradaky pikir ýewropalylaryň gündogarlylara göwniýetmezçiliginden gelip çykandyr. Başga halkyň wekili bolup, gündogar halklarynyň özüne mahsus psihologiýasyna, ruhy dünýäsine, milli ýörelgelerine, däp-dessurlaryna we maşgala gatnaşyklaryna düýpli göz ýetirip bolmajakdygy äşgär. Belli rus edebi tankytçysy W. G. Belinskiý şeýle diýýär: «Gündogarly aýala zenan hökmünde garamaýar. Onuň üçin aýal tebigat tarapyndan gaty ussatlyk bilen ýaradylan keýip beriji zat». Dünýä ylmynda ykrar edilen alymyň bu pikirine näme diýip bolar?! W.G.Belinskiý gündogar halklarynyň durmuşyna ýakyndan belent bolanlygynda, gündogar edebiýatynyň läheňleriniň eserlerini ýewropa edebiýatyny öwrenişi ýaly ilik-düwme öwrenen bolanlygynda, belki, bu pikiri düýbünden başgaça aýdardy. Gündogaryň we onuň bir bölegi türkmeniň zenana näderejede hormat goýýandygyny edebiýatymyzyň ummasyz çuňluklaryna siňip, juda köp mysallar bilen görkezse bolardy. Ýöne oňa ýekeje mysalam ýeterlik. Türkmen edebiýatynda zenan mertebesini örän ýokary derejä göteren Mollanepesde «Bu mekana gelmişem» atly ajaýyp bir sýužetli eser bar. Onda şahyr öz ýaryny wasp edýär, ony ajap Gurhana, din-imana deňeýär. Gyz aşygyny ataş oduna ýandyrýar, oňa karar bermeýär. Şonuň üçin

Möwlam Ezraýyla şol dilberiň janyna almagy tabşyrýar. Ezraýyl gyzyň alnyna gelende onuň husny-jemalyny görüp «amana gelýär». Jan almakdan geçen öz janyny oňa gurban etmäge taýýar bolýar. Mejnun bolan Ezraýyl Kerbala çölünde Hydyr aleýhyssalama sataşyp, derdine delalat soraýar. Hydyram gyzy görýp aşyk bolýar. Aşyklaryň soltany Ýusup öz Zylyhasyny unudypdyr. Bulkus öz ýary Süleýmany bu dertden gutarmak üçin Lukmany gözläp ýör. Lukman bolsa, meniň özümem şu dertden hassa diýip, şol gyzyň alnynda akylyny ýitirip otyr. Dawut, Ýakup, Süleýman, Isa, Mäti, Ylýas, Eýýup – barça pygamberler ol gyzyň yşkynda özleriniň täji-tagtyndan, mal-mülkünden geçipdirler. Üç ýüz altmyş erenler gyzyň aýak tozuny ýüzlerine sylýarlar, perişdeler onuň daşynda perwaz urýarlar. Omar, Osman, Weýsilkara, Ýasawy ýaly yslamyň sütünlerem ol gyza aşyk. Karun ol gyz üçin malyny mömünlere paýlap, Hatam Taý bolupdyr. Hudaý bolup duran bu ýagdaýy aýan etmek üçin Jebraýyly ýere iberýär. Jebraýylam yşk oduna düşýär. Aly Mürteza pygamberlerň din namysyny goýup, bir gyzyň öňünde baş egişlerine gaharlanýar. Şol wagt gyz äleme şugla saçyp, öýden çykýar. Aly akylyny ýitirip, ýolundan gaýdýar, zülpükary elinden gaçýar. Möwlam gahar bilen lamekandan ýere gaýdýar. Gyzy görüp, aşyk bolýar, özünden gidýär. Gyz özüniň diňe Nepese hyrydarlygyn aýdýar.
Ine, bu eserdäki Hudaýyň baş egen gyzy türkmen gyzydyr. Hiç bir halkyň edebiýatynda gyz hormaty şunuň ýaly ýokary derejede ideallaşdyrylan däldir.

- **Zenan – dowamat gönezligi**

Ýaşaýşyň, durmuşyň dowam edip durmasynyň baş esasy adamdyr, onuň hem iň beýik arzuwy, ömrüniň manysy, maksady nesil galdyrmak, ata-baba nesliňi ýitirmezlikdir. Bu tebigatyň kanuny. Adam bolsa «entek tebigatyň bölegi bolup durka, onuň kanunlary boýunça hereket etmäge borçludyr» (Spinoza).
Türkmeniň halal hem terbiýeli neslini asyrlardan alyp gelen we ýene asyrlara alyp gitjek, dowamady dowam etjek zenanlardyr. Hut şonuň üçinem türkmenlerde ahlak ýörelgeleriniň iň ýokary derejesine esaslanýan binýady berk nika hem maşgala

gatnaşyklary bar. Binikadan, haramlykdan bolan çaga arassa nesliň bozuldygy hasaplanypdyr. Magtymguly atamyz bu barada şeýle diýýär:

*Huda buýrugyndan aýrylan juwan,*
*Oýnaşyndan haram köle getirmiş.*

Oýnaşdan bolan çöpdüýbüler halk içinde näletlenipdir. Aslynyň halallygyna göz ýetirmän gelin edinilmändir, gyz çykarylmandyr. Asly gümürtik bolanlara möhüm işler ynanylmandyr. Toýda-märekede asly halanmaýan adamlar öňe çykyberseler: «Aňyrsyna ynamy bolmadyklar gazanyň töweregine barmasyn, how…» diýlip, olar mukaddes zatlara ýakynlaşdyrylmandyr.
Mynasyp nesil galdyrmagy ömrüň manysy hasap eden türkmenler halal zenanlary hamyla bolup, goýnunda çaga galansoň, olary sähelçe-de ynjytmandyrlar, agyr işiň gyrasyndan eltmändirler. Öz neslini dowam etjek zenanlary başyna deňäpdirler, ähli zat nesliň hatyrasyna bagyş edilipdir. Taryhda Kör Gojalynyň Aýal bagşydan ýeňlişi barda gümürtik sahypa bar. Aýallary köp babatda rüstem edilip görkeziljek bolnan sowet ýyllarynda söýgüli şahyrymyz Kerim aga «Aýal bagşy» poemasynda onuň beýanyny şol ýörelgä laýyklap berdi. Kör Gojanyň ýeňlişiniň syryny görmedi. Zamanamyzyň görnükli ýazyjysy Osman Ödäniň «On üçünji perde» diýen hekaýasynda Kör Gojalynyň Aýal bagşydan gaçyp gitmeginiň sebäbi açyk-aýdyň görkezilýär. Gojaly bäsdeşiniň hamyladygyny haçan ýaryş başlandan soň bilip galýar. Dünýä injek ynsanyň dünýä gelmänkä ömrüniň kesilmegine sebäp bolmalymy ýa-da mukaddes sungatyň abraýyny ýere çalmalymy?! Dowamat hem beýik sungat. Ikisem mukaddes. Ahyry nesil öndürmek baradaky ynsanyň beýik maksady agyr gelýär. Kör Gojaly şu beýik maksady üçin, dowamat dowamda sungatyny gurban edýär. Nesil dowamy baradaky mukaddes garaýşyň beýany edebiýatymyzda juda kän.
Hawa, zenan şol mukaddes maksadyň, dowamadyň gönezligi. Ol türkmeniň asly halal neslini geljege äkidip, türkmen adyny dabaralandyrmaly. Şonuň üçinem zenany hormatlaň, söýüň, goraň!

Ol – mukaddesdir.

Nury SEÝIDOW.

«Halk sesi» gazeti, 1997-nji ýyl, 30-njy aprel.

Surat: Muhammet Aman Baga Jemgyýetçilik tankydy